# Bir futbol duşuşygyndan has artygy: Ähli reñkleri birleşdirdi

Category: Kitapcy,Sözler,Sport we turizm
написано kitapcy | 26 января, 2025
Bir futbol duşuşygyndan has artygy: Ähli reñkleri birleşdirdi
BIR FUTBOL DUŞUŞYGYNDAN HAS ARTYGY: ÄHLI REÑKLERI BIRLEŞDIRDI




*«Trabzonsporyñ» «Bazel» bilen öýünde geçiren futbol duşuşygy ähli futbol toparlaryny we janköýerlerini bir ýere jemledi. «Trabzonsporyñ» stadionynyñ tribunalaryndaky horeografiýa bütin dünýäde gyzgyn seslenme döretdi / Fotosurat: AA*

Türkiýe 6-njy fewralda bolup geçen Kahramanmaraş ýer yranmalarynyñ salan ýaralaryny bitirmäge çalyşýar.

11 welaýaty sarsgyna salan ýer yranmasynyñ on ikilenji gününe girilende gurban bolanlaryñ sany 38 müñden geçdi.

Ýer yranmasynyñ bolan birinji gününden başlap, futbol dünýäsi-de Türkiýe kimin bir ýumruga düwüldi.

Guramaçylyk edýän haýyr-sahawat kampaniýalary bilen ýitgileriñ öwezini dolmaga ýardam etmek islän futbol dünýäsiniñ öñündäki iñ uly synag bolsa, belki-de, ýer yranmasyndan soñky oýnaljak ilkinji resmi futbol duşuşygy boldy.

15-njj fewral gijesi 115 milliard liradan gowrak haýyr-sahawat pulunyñ toplanan «Türkiýe täk ýürek» kampaniýasynda başy birigen Super Liganyñ (Türkiýäniñ futbol boýunça Ýokary ligasy) dört uly klubynyñ başlygynyñ agzybirlik-jebislik

çagyryşlary ýaşyl meýdança-da täsirini ýetirdi.
UEFA-nyñ Ýewropa Konferensiýasy ligasynyñ pleý-off (utulan-çykdy) tapgyrynyñ birinji duşuşygynda Akýazy raýonyndaky «Medical Park» stadionynda «Bazeli» myhman alan «Trabzonspor» gijäni uzak ýyllaryñ dowamynda ýatja galjak birnäçe oñyn ädimleri ätdi.
Futbol duşuşygyndan düşen girdejini ýer yranmasynda heläkçilik çeken maşgalalara bagyşlaýan garadeñiz kluby şol sanda ýatlama peteklerinden düşjek pullary-da heläkçilik çekenlere bagyşlanjakdygyny mälim etdi.
«Fenerbahçe», «Galatasaraý» hersi aýratynlykda 1000, «Beşiktaş» 1.903, Konýaspor 1.922 ýatlama petegini satyn alyp, bu haýyr-sahawat kampaniýasyna ýardam etdi.

*https://t.co/DRYJqz4P7d Konyaspor Kulübü, tüm gelirinin depremzedelere aktarılacağı Basel maçı hatıra biletlerinden 1922 adet satın alarak kampanyamıza destek sağlamıştır.*

Konyaspor’a göstermiş oldukları hassasiyetten dolayı teşekkür ediyoruz. #HepBirlikte daha güçlüyüz! pic.twitter.com/0eA8HiywPX

— Trabzonspor (@Trabzonspor) February 16, 2023

Janköýerleriñ agzybirlik bilen bir ýere üýşüp futbol oýnuna tomaşa etmekleri uzak ýyllaryñ dowamynda görmäge zar bolan pursatlarymyzdy.
«Bir oýundan artygragy!» («Bir maçtan daha fazlası») sözüniñ ýöne ýere aýdylmandygy düýn agşambl belli boldy.
«Trabzonspor», «Beşiktaş», «Fenerbahçe», «Galatasaraý we başga-da birnäçe futbol klubynyñ janköýerleri «Trabzonspordyr» ýer yranmasynda heläkçilik çekenler üçin şol stadiona eñdiler.
Oýun başlamazdan öñ şäherde we stadionyñ öñünde el-ele berip ýörän we dürli dürli toparlaryñ eşiklerini geýen janköýerler trubunalarda-da egin-egin egne berip oýna tomaşa etdiler.



**• Proteo undulmady, horeografiýa gijäniň ýatda galyjy pursatlarynyň biri boldy**

Oýun başlamazdan ön tribunalardaky horeografiýa bolsa birbada hemmeleri tolgundyrmaga ýeterlik boldy.

Ýer yranmasyndan soň Türkiýäni goldawsyz goýmadyk ýurtlardan Meksikanyň Ýaragly Güýçleriniň gözleg-halas ediş toparynyň düzümünde heläkçilik çekenleri halas etmek üçin gelende ölen Proteo atly itdir magdan çykaryjy işçiler hem ýatdan çykarylmady.

Gözleg-barlag işleriniň iň ünsi çekiji toparlaryndan bolan magdan çykaryjy işçiniň halas edilen bäbejigi gujaklaýan pursaty şekillendirildi.

Işçiniň kaskasynda Türkiýä kömek ugradan ýurtlaryň baýdaklarynyň şekilleri, ýanynda bolsa Proteo ýerini aldy.

Ýumrulan binalaryň astyndan diri galanlary gözleýän iş awtomaşynlarynyňam ýerleşdirilen horeografiýasynda ýokaryk galan bir eliň tutup duran türk baýdagy-da şekillendirildi.

«Vira» toparynyň taýýarlan horeografiýasy dünýäniň habar beriş serişdelerinde-de giňden ornuny tapdy.

*Yaralarımızı #HepBirlikte saracağız pic.twitter.com/1PlBIyLiWj*

— Trabzonspor (@Trabzonspor) February 16, 2023



- **Ýeriñ yranan şäherleri ýatdan çykarylmady**

Tribunalarda we ekranyñ öñünde oýna tomaşa edip duranlar hasapdan özbaşdak yzarlan oýunlarynda ýer yranan sebitlerdäki welaýatlary-da ýatdan çykarmady.

Janköýerler oýun başlamazynyñ öñinçäsi we sagadyñ dili 04:17-ni görkezende seslerini çykarman durup, dymyşlyk yglan etdiler.

Ýer sarsgynyndan zyýan ceken Adananyñ, Adyýamanyñ, Diýarbekiriñ, Gaziantepiñ, Hataýyñ, Malatýanyñ, Kahramanmaraşyñ, Şanlyurfanyñ, Kilisiñ, Osmaniýäniñ plakat nomerleri gelen minutlarda «Bärde!» («Burada») diýen sesler asmana galdy.




- **Täze başlangyjyñ başyny çekip bilermikä?**

Ýer yranmasyndan öñ Super Liganyñ birnäçe meselede garşyma-garşy gelip dikleşmekden gaýtmaýan klublary ýer yranmasyndan soñ deñi-taýy görülmedik raýdaşlyk nusgasyny görkezdiler.

Hawa, Akýazydaky oýundan öñinçä Türkiýäniñ Futbol Federasiýasynyñ başlygy Mehmet Büýükekşi, birnäçe klubyñ başlyklary, «Trabzonsporyñ» başlygy, Ahmet Agaogly bilen egin-egne degrip surata düşdüler, oýna tomaşa etdiler.

Berilen beýanatlarda futbola degişli bolmadyk meseleleriñ üstünde pikir alşyldy, agzybirlige we jebislige çagyrýan çagyryşlar paýlaşyldy.
Aýry-aýry şäherlerden Trabzona baran janköýerleriñ küýünde futbol ýokdy, olaryñ barsy ýeke-täk maksat üçin bir ýere jemlenipdi.
Göze ilen wideo we fotogörnüşler ýazgylar sosial mediýada-da giñden ornuny tapdy we köp sanly öwgüli sözler aýdyldy.
Mundan iki hepde öñem bolup geçen dawa-jenjelleriñ, çekişmeleriñ, sene-meneleriñ, ikitaraplaýyn aýyplamalaryñ ýerini mähir-muhabbet, sylag-hormat, hoşniýetlilik gurşap aldy.
Biz hem öz gezegimizde mundan beýläk şeýle heläkçilikleriñ gaýtalanmazlygyny we futbol dünýäsiniñ şular ýaly agzybirligini dowam etdirmeklerini arzuw edeliñ.
Häzirki wagta çenli dowam edip gelen haos howasy klublary-da, janköýerleri-de biri-birinden mümkin boldugyça daşlaşdyryp bilipdi.
Kim bilýär, belkäm, has ýagty ertirleriñ gelmegi we üstünligiñ açary birek-biregi gujaklamakdan geçýändir. Berilýän ähli teswirler we bildirilýän umytlar hem munuñ ýoluny açjaga meñzeýär.
Oýnuñ netijesi hemmeleriñ añynda aýlaýan iñ soñky meselesi bolandygy üçin, hasaby-da iñ soñuna saklady.
«Trabzonspor» «Bazeli» 1:0 utup, rewanşdan öñinçä artykmaçlyk gazandy.

Mehmet ALTUNKYLYÇ.
mehmet.altunkilic@independentturkish.com

Anna, 17.02.2023 ý. Sport we turizm